# Täze Döwür – Täze Talap

Category: Edebi tankyt,Edebiýaty öwreniş,Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Romanlar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 21 января, 2025
Täze Döwür – Täze Talap TÄZE DÖWÜR – TÄZE TALAP

Sosialistik jemgyýet ret edilip, dünýä ýaňadan tebigy ösüş ýoluna tarap jylawyny öwürdi. Ençeme-ençeme gowy-erbet edebi eserler taryhy çözgüdine garaşýar, olar geljekki okyjy üçin gerekmi? Ýa ýöne bir geljekki nesillere geçmişi biler ýaly saklanjakmy? Belli däl! Ykdysady gatnaşyklar babatda düýpden başga gatnaşyklar başlandy. Durmuş çylşyrymlaşdy. Adamlar mankurtlyk gäbini ýyrtyp, täze dünýä gadam basdy. Emma bu dünýäde eser döretmegiň öz tebigy kynçylyklary bar. Biziň bu günki agyr problema diýýän zatlarymyzy Amerika, Angliýa, Ýaponiýa ýaly ösen ýurtlar iki ýüz ýyl mundan öň başdan geçirdi. Biziň täze jemgyýet hakda ýazjak eserlerimiz durmuşdan azyndan iki ýüz ýyl dagy yzdan starta çykan eserler bolmaly. Şu gün täze ykdysady gatnaşyklara başlap, şu gün kapitalistik dünýäde ýaşap başlap, iki ýüz ýyl mundan ozal şu ýoly geçip giden dünýäniň ösen halklary üçin nähili täze pikir aýdyp bolar?
Şeýle hopukdyryjy oýlary her bir ýazyjynyň başdan geçirmegi mümkin. Her hal, bu ýerde hopugyp, howsala düşer ýaly zat ýok diýip pikir edýärin. Sebäbi hiç bir kişi ikinji biriniň, hiç bir millet başgasynyň geçen ýoluny gaýtalamaýar. «Şol bir derýa iki gezek suwa girip bolmaýar» diýip, gaýtalanylýan pähim köpleriň ýadyndadyr. Ýollar meňzeş bolup biler, jemgyýetiň ösüşiniň ýa tesişiniň adam aňyna ýa erkine bagly däl umumy mehanizminiň logikasyndan gelip çykýan umumylyklar hem bolup biler. Emma, hiç haçan, hiç kime özi däl-de, başga biri bolup ýaşamak miýesser eden däldir. Üstesine, biz jemgyýetiň haýsydyr bir ugurlarda ösmegi ýaly berk kanunly meseläniň geljegi hakynda däl-de, adam işine, adam erkine bagly ruhy iş bolan edebiýatyň geljeginiň gürrüňini edýäris.

Edebiýatyň ykbalyny ýazyjy, diňe ýazyjy çözýär. Hiç bir indiwid ýa hiç bir kollektiw tarapyndan döredilen gymmatlygy taýýar görnüşde kabul etmän, öz hususy gymmatlyklaryny ýaýyp bilýän şahsyýetiň barlygy ýa ýoklugy edebiýatyň ykbalyny çözüp biler. Durmuş, umuman, hemişe şol öňki durmuşlygyna galýar. Dogulanda, onuň ýüze çykmalarynyň täsin hem öň görülmedik, üns berilmedik, kagyza geçirilmedik taraplaryny görmäge, görkezmäge ukyply diýlen adam gaýtalamak betbagtlygyndan halasdyr.
Janly durmuşyň millionlarça ýüze çykmalary, öwüşginleri, zatlaryň we wakalaryň hiç kim tarapyndan akyla sygdyrylyp bilinmejek utgaşygy, üýtgeşikligi, şol netijede-de olaryň sansyz formalary bar. Biz islesegem-islemesegem, hiç mahal Amerikanyň ýa Ýaponiýanyň ýoluny geçip bilmeris. Ine, «kapitalizm» diýýärler — bu düşünje abstraksiýa! Ol milletleriň ösüşini, onda-da ruhy ösüşini öz içine alyp bilerden gaty umumy akyl emeljigidir. Şonuň üçinem, kimdir birini gaýtalamak bagtyna ýa betbagtlygyna duçar bolmarys. Çünki, özüniň täze geň-taňlyklaryny, ýakymsyzlyklaryny ýa hezilliklerini açjak durmuşyň problemalarynyň manysydyr ýüze çykyşy hem, adamlaryň (eger ukyp berlen bolsa) olary formulirleýşi-de ýokary derejede original bolar. Eýsem XX asyrda öz ýoluna düşen Latyn Amerikasy kimdir birini gaýtaladymy? Eýsem kolumbiýaly G.Markesiň ýalňyzlyk temasy öň ençe ýazyjy tarapyndan ýazylan tema dälmi?! Şeýle-de bolsa, G.Markesiň ýalňyzlyk temasy öň haýsydyr bir ýazyjy tarapyndan işlenilen tema meňzeýärmi? Eýsem gaty uly bolmadyk Awstriýanyň ýazyjysy F.Kafkanyň dünýä edebiýatynyň ösüşine täsiriniň gaty uly bolan milletiň haýsydyr wekiliniňkiden düýplüdigini sebäbini nädip düşündirmeli?
Başga mesele: dünýä edebiýatynyň ykbalyny kesgitleýän, kerweniň başyny çekýän edebiýatlar bar, kerwenbaşylaryň tapyndylaryny özüne siňdirmekden, onuň emelsizräk ýa emelliräk nusgasyny dünýä indermekden ýokary galyp bilmeýän edebiýatlar bar. Bu eýýäm adamzadyň taryhy ykbalynda milli ruhy güýçleriň ýerleşiş tertibiniň hem adamzat ösüşiniň logikasynyň meselesidir. Munda esasy zat her halkyň döredýän ruhy

gymmatlyklarynyň öz milli durmuşyny üpjün edip bilýänligidir. «Gyradeňlikden Hudaý saklasyn» diýýär türkmen. Hudaýyň adalatsyzlygy hakda söz açara hiç hili esas ýok. Gaýtam-a, göwresi kiçem bolsa, göwni giň, ruhy ägirt milletler özüni tanadyberýär. Muňa gruzin sungaty, edebiýaty janly mysal. Dogrymyzy aýdaly, dünýä medeniýetiniň ykbalyny kesgitlemese-de, gruzin sungatynyň, edebiýatynyň originallygyna göz gitmezçe däl. Herhal, «kiçijik» milletdenligine garamazdan, Ç.Aýtmatow ýa Jebran Halyl Jebran ýaly dünýä derejesindäki hadysa bolup bolarmy?! Bu eýýäm ykbal işi.

Biziň ilki wezipämiz geçmiş edebiýatymyzyň çeperçilikde gazananlaryny akylly-başly umumylaşdyrmak, oňa şu günüň nukdaýnazaryndan dogry baha bermek diýip düşünýärin, sebäbi edil beýleki sferalardaky ýaly, edebiýatda-da öňe bolan hereket nirede duranyňa göz ýetirmekden, bu bolsa nireden şu nokada geleniňi aýyl-saýyl etmekden başlanýan bolsa gerek. Totalitar imperiýa döwrüniň geçmişe gatnaşyk usullarynyň göz-görtele ýalňyş bolandygyny göz öňüne tutsaň, mesele hasam ýitileşýär.

XX asyrdan öňki türkmen edebiýatynyň taryhy müň ýyla gidýär. Şol müňýyllygyň sakasynda bolsa, «Gorkut ata» diýen beýik epos dur. «Gorkut ata» eposy taryhy ýaşaýşy suratlandyrmak babatda geçmiş edebiýatymyzda aýratyn hadysa. Çünki ol entek araplaryň getiren ýat siwilizasiýasynyň durmuşa ornaşmadyk döwründe türkmeniň döreden ruhy baýlygy. Şonuň üçinem onda dünýäni görşüň hem suratlandyryşyň ezeli türkmen endikleri umumy musulman tendensiýalaryndan has oňat saklanyp galypdyr. Eseriň formasy – dili, strukturasy, adam häsiýetleriniň berlişi muňa oňat subutnama. Tebigat bilen sazlaşykda ýaşaýan erkin çarwaçylyk ruhunyň nähili estetiki gymmatlyklary döredip bilýändigini şu ajaýyp eseri okanyňda bilip galýarsyň. Bu taýda entek özüni dünýä, pelek bilen egbarladýan musulman rasionalizmi-de, ýaşaýşynyň problemalaryny Absolýut ruhuň öňündäki baky bergidarlygy bilen köpeldýän, çylşyrymlaşdyrýan dini ahlak hem, tebigaty gara güýje öwürmegiň hasabyna garabaşyna howp salýan, şol howpuň astynda gezip gara jany galmaýan mistika-da ýok. Oňa derek giň sähra, giň asman,

ýaşaýşyň özi ýaly çyrpynyp ýatan, erkin çaýlar bar. Edil şonuň ýaly, eseriň gahrymanlary-da erkin, giň hem açyk göwünli, dünýäň tomaşasyny görmekden başga hossasy bolmadyk adamlar.
Biziň geljekki edebiýatymyz üçin eposyň ritmi, sagdyn, janly sadalygy, terligi we beýik dili, duýgularyň gyzgynlygyny hem täzeligini berip bilýän formasy zerurmyka diýýärin. Bu ýerde köne türkmen diliniň emosional-şekillendiriş mümkinçiligi maksimal derejede ýüze çykarylypdyr. Munda forma janly mazmuny täsirsizleşdirýän, gurak bir zada öwürýän kössek däl. Soňky asyrlaryň edebiýatynda arap-pars poeziýasyna öýkünmekden ýaňa tas ýiteňkirlän ilkibaşky göçgünlilik hem owazlylyk «Gorkut ata» eposyny üýtgeşik hadysa öwürýär. Ylaýta-da, eposyň şygyr bölegi özüniň original formasy bilen akylyňy haýran edýär.
Orta asyr türkmen edebiýaty türkmen ýaşaýşyna çuňňur intellekti hem dünýä siwilizleşen gatnaşygy getirdi. Yslamyň akyl-paýhas güýji-başarnygy «Gorkut atanyň« emosional energiýasynyň ýerine geçdi. Ýaşaýşyň ontologiki problemalary, ömür hem ölüm; panylyk hem bakylyk; Adam hem Hudaý; gaýry umumadamzat meseleleri edebiýatyň hilini üýtgetdi. Nesiminiň Hudaýylyk akyl-paýhasy, Ýusup Emräniň ylahy yşgy, Baýram hanyň durmuşy söýüjiligi dürli stilli, dürli ugurly baý edebiýatyň döremegine sebäp boldy.
Ol wagt edebiýat umumy Gündogar edebiýatynyň bitewüliginde ýaşaýardy. Edebiýaty, sungaty hem ylmy yslam durmuşynyň formasyndaky umumadamzat gymmatlyklary, ideýalary herekete getirýärdi. Adamzadyň bütindünýä bitewüligine barýan XX asyrda bizem şol döwrüň türkmen edebiýatynyň degişli meseledäki artykmaçlyklaryny özleşdirmelidiris. Biz yslamyň medeni dilini öz geçmişimizden öwrenmeli. Diliň belli bir derejedäki arhaikligi, ideýalaryň ýat formalarda berilýänligi bize gaçganaklamaga sebäp bolup bilmez. Biz öz ata-babalarymyzyň öňünde ýadyrgamaly däldiris. Diliň arhaikliginiň, formalaryň, göräýmäge, galyplygynyň aňyrsynda türkmen ruhunyň janlylygyny kalbymyza siňdirmegi, şeýdibem, topragyň şerbetini sorup, barha boý alýan daragt ýaly ulalmany, ösmäni başarmaly. Diňe geçmişiň medeni dilini häzirki siwilizasiýanyň diline geçirenimizde, geçmiş biziň üçin ölüleriň şalygyndan özümizi

dünýä belentliklerine alyp gitjek tenekar topraga öwrüler.
Otparaz türkmeniň törüne kürsäp giren yslam ideologiýasynyň kämilligine, ussatlygyna, ugurtapyjylygyna haýranlar galýaryn. Yslam ideologiýasy göýä düwnük derdi deýin türkmeniň durmuşyna, ynam-ygtykatyna, her bir hereketine şeýlebir ussatlyk bilen ornaşypdyr welin, oňa haýran galmazlyk mümkin däl. Yslam ideologiýasyny kommunistik ideologiýa bilen deňeşdirip görseň, Ýer bilen Gök ýaly tapawut mesaňa bolup dur. Kommunistik ideologiýa milli däp-dessura girip gitmek babatda gaty emelsiz hem ýöntem eken. Ssenariler bilen durmuşymyza ornaşdyrmak islän zatlarymyz – däp-dessurlarymyz hem juda gülkünç görünýär.
Dünýäde din, ideologiýa kän. Şol dinleriň, ideologiýalaryň içinde, meniň üçin iň kämili yslam. Kommunistik ideologiýa, esasan, jemgyýetde nähili bolmalydygyny öwreden bolsa, yslam duluňdan başlanýar. Ol iýen duzuňa nähili sarpa goýmalydygyny, garnyňy doýranyňdan soň töwir edip, iýen tagamyňa hormat goýmalydygyny öwredip otyr. Kommunistik partiýa «Gadagan!» diýen bolsa, yslam «Ýaramaz iş etmek günä» diýýär. «Gadaganyň» aňyrsynda türme bar. Oňa-da düşmegiňem, düşmezligiňem mümkin. «Günäniň» aňyrsynda türme däl-de, Haktagala otyr. Ol seni türmä salyp däl-de, başgaçarak jezalandyrýar. «Günäniň» aňyrsynda ynsap mizany bar. «Günäniň» aňyrsynda halallyk-haramlyk bar.
Yslam ideologiýasynyň gözbaşynda Muhammet pygamber otyr.
Kommunistik ideologiýanyň gözbaşynda Marks, Engels, Lenin otyr.
Terezä goýsaň, Muhammet pygamberiň pähim-paýhasy üçüňkiden has aňyrdan.
Yslam dininiň wekilleri ýaly hiç bir diniň wekillerem mifleri, rowaýatlary şeýlebir ussatlyk bilen döredip bilen däl bolsalar gerek. Öň möjegi Hudaý edinip ýören türkmeniň ähli emer-damaryna ol şeýlebir ornapdyr. Men müň mysaldan ýekejesini aýdaýyn. Ol Oguz hanyň dogluşy hem öýlenişi hakyndaky rowaýat.
Garahanyň uly aýalyndan bir ogly bolýar. Çaga üç günläp emmeýär. Onuň bu bolşuna hopugan ene çagasyny aman saklamaga çäre gözleýär. Tapanok. Ýöne her gije dünýä inen çagajyk

enesiniň düýşüne girip: «Ene, sen musulman bol, eger sen musulman bolmasaň, onda aç öljegem bolsam seni emmerin» diýýär. Hamrak ene çagasy emse kaýyl bolup, musulman dinini kabul edýär. Ýöne musulmançylyga geçendigini hiç kime aýtmaýar. Aýtmak onuň üçin gorkulydy. Aýtsa, adamsy Garahan ony öldürjek. Oglan bir ýaşanda Garahan uly toý edýär. Sebäp çaga at dakmaly. Ol döwürde çaga bir ýaşamasa, oňa at goýulmaýan eken. Garahan toýa gelenlere ýüzlenip: «Meniň çagam bir ýaşady, indi muňa at dakalyň» diýýär. Şonda çagajyk «Meniň adym Oguz bolsun» diýipdir. «Bu çaga bir ýaşynda gepledi. Bu üýtgeşik är kişi bolup ýetişer» diýşipdirler, toýa gelenler çaganyň isleýşi ýaly, oňa Oguz diýip at goýupdyrlar.

Oguz ýigit çykýar. Garahan ogluna ilki agasy Körhanyň, soň Gyrhanyň gyzyny alyp berýär. Oguz olaryň biri bilenem oňuşmaýar. Oguz gelnine «Dünýäni, seni, meni ýaradan Alladyr, sen meniň aýalym boljak bolsaň, musulman bol» diýýär. Ýöne, iki gezegem gyzlar onuň bu talabyny kabul etmeýärler. Şeýle bolansoň, Oguz olardan aýry ýaşaýar. Garahan ogluny üçünji gezek öýlendirmeli bolýar. Bu gezek ol agasy Orhanyň gyzyny alyp berýär. Iller dagansoň, Oguz bu gyza-da şertini aýdýar. Gyz «Sen nähili ýolda bolsaň, men hem şol ýolda bolaryn» diýip, Oguzyň şertini kabul edýär.

Günlerde bir gün Oguz nökerleri bilen awa gidýär. Şol wagt Garahan öz ilininiň gelin-gyzlaryny ýanyna çagyryp: «Men oglumy mundan öň iki gezek öýerdim. Olar agzybir ýaşaşyp bilmediler. Oglumyň häzirki aýaly bilen ýaşaýşy bolsa gül ýalak. Munuň sebäbi näme?» diýip soraýar. Şonda Oguzyň şertini kabul etmedik iki gyz: «Siziň ogluňyz musulman bolupdyr. Bize-de musulman bolmagy buýurdy. Biz etmedik. Şonuň üçin hem ol bizden ýüz öwürdi» diýip jogap berýär. Garahan muny eşidip dergazap bolýar. Goşunyny jemläp, Oguzy aw awlap ýörkä öldürmek üçin ýola düşýär. Ataly-ogul garpyşýar. Musulmanlygy üçin Oguz atasyny öldürip, ýurda şa bolýar. Ilini musulman edýär.

Musulmançylyga berilýän ähmiýete, güýje haýranlar galaýmaly. Bu sýužet yslam dininden öň hem bar eken, ýöne başgaça eken. Uýgur elipbiýindäki «Oguznamada» Oguzyň dogluşy hem öýlenişi

musulmançylyk bilen baglanyşykly däl. (Ahmet Bekmyradow. «Andalyp hem oguznamaçylyk däbi»).

Meniň Oguzyň ykbaly hakdaky rowaýaty doly gürrüň bermek bilen nygtajak bolýan zadym, yslam diňe bir törüňe geçmek bilen oňmady, ol ruhy mirasyňa siňip, aňyň törüne ornaşmagy başardy. Ine, yslamyň ussatlygy.

XIX asyr türkmen edebiýatynda milli tendensiýalar has hem güýçlendi. Kemine, Seýdi, A.Kazy, Mollanepes, Mätäji ýaly şahyrlar Magtymgulynyň döreden şaýoly – formalary arkaly durmuşy beýan etdiler. Degişli döwrüň türkmen edebiýaty halkyň ruhy ipostasy (meňzi) hökmünde teoretiki paýhasyň belentliginde entek öwrenilenok.

Klassyky edebi mirasymyz haýsydyr bir manyda biziň üçin bigäneligine galýar. Uranyň energiýasyny boşadyp, ony adam ýaşaýşynyň çeşmesine, ony adamyň öz energiýasyna öwrüşi ýaly, geçmişiň energiýasyny-da biziň döredijі kalbymyza geçirip goýberjek, ol ruhy energiýany boşatjak paýhas gerek. Elbetde, ol paýhasyň juda sowatly, ylym hem filosofiki belentlikleriň çür başyna çykan analitiki paýhas bolmalydygy düşnüklidir. Çünki dört amaldan ýokarky çylşyrymlylyga akyly çatmaýanyň uran energiýasy bilen iş salşyp bilmejegi düşnükli ahyryn. Garaz, biziň üçin «lal» klassyka (çünki, aýdaly, haýsydyr bir dessany okap çykanyň, onuň sýužetini, obrazlaryny, hatda göräýmäge (!) ideýa-temasyny-da başga birine gürrüň bererlik derejede ýadyňa ornaşdyranyň entek oňa ruhuň janly fakty hökmünde düşünendigiňi asla-da aňlatmaýar. Pikirimi düşündirmek üçin şeýle obraza ýüzleneýin: äpet aýnanyň aňyrsynda iki sany adam gürleşip dur, sen olaryň hereketlerini, mimikasyny görýärsiň, emma sözleriň saňa gelip ýetmeýänligi sebäpli, bu saňa manysyz bolup görünýär, biziň mirasa düşünişimiz şuny ýada salýar) dil açdyryp biljek paýhas işi, biziň ata-babalarymyza çeken edebi-döredijilik damarlarymyza gan goýberip biljek lukman işi zerurdyr. Biziň klassyka häzirki gatnaşygymyz – düşünişimiz bolsa, bir köne anekdotdaky iki sany keriň pikir alyşygyna meňzeýär.

Emmaki paýhasyň ýok ýerinde, kämahal intuisiýa kömege gelýär. Meniň intuitiw aňlaýşyma görä, türkmen klassyky edebiýatynyň

esasy temasy

AÝRALYK

temasydyr. (Aýralyk şu günüň edebiýatynyň hem baş temalarynyň biri!). Aslynda, ol türkmen ruhunyň substansiýasydyr, hamyrmaýasydyr. Şol hamyrmaýadan ähli temalar, ideýalar ýugrulyp-ýasalýar. Baş tema dürli eserlerde dürli edebi akymlarda özüniň täze-täze aspektlerini tapýar. Munuň özi türkmeniň ýaşaýşy bilen baglydyr. XVI asyrdan başlap, türkmeniň durmuşy durşuna aýralykdyr: halkyň döwletden, taýpalaryň biri-birinden, iliň ýurtdan aýralygy, Onsoň şeýle durmuş türkmen ruhunyň hiline düýpli täsir etdi, bu tükeniksiz aýralyklar şol ruhuň düýp esaslaryna siňip, XVIII asyrdan başlabam çeper güýje – obraza, bitewülige öwrüldi! Bu meselede şeýle ýaşaýşyň yslam, sopuçylyk üçin amatly bolandygyny aýtmalydyrys. Onsoň tutuş edebiýatyň möçberinde ählumumy aýralygyň iki sany aspekti emele geldi: mistiki, sopuçylyk aýralygy we real-durmuşy aýralyk. Türkmen düşünjesinde bular adam ýaşaýşynyň iki sany dürli tarapyny aňladýardy: dogulmak hem aýralyk; aýrylyşmak, ölmek hem aýralyk. Birinji halatda jan Hudaýdan aýra düşýär, ikinji halatda adam real ýaşaýşydan, adamlardan aýra düşýär. Türkmen dilinde «doguldy» manysyndaky «dünýä indi» (asmandan – Hudaýyň ýanyndan ýere geldi) düşünjesi-de, «ölmek» manysyndaky «aradan çykdy» (adamlaryň arasyndan çykyp gitdi), «aýryldy» diýen jümlelerem ýokarky düýpli ruhy faktor bilen baglanyşykly. Munuň özi tükeniksiz älemleriň, kosmosyň tükeniksiz hereketiniň türkmençe aňylyşydy. Tükeniksiz aýralyk. Dünýäni aýralyk hökmünde kabul eden türkmen ruhunyň esasy psihiki temperamenti, emosional halaty – melanholiýadyr. Melanholiýa türkmen durmuş filosofiýasynyň, sungatynyň esasy görnüşleriniň – edebiýatyň, sazyň, halynyň düýp kesgitleýji manysyna, pafosyna öwrüldi. Bütindünýä aýralygyň iki aspekti bilen baglylykda, sungatda iki akym kemala geldi: Hudaýdan aýralygy beýan edýän sopuçylyk-mistisizm we adamdan (adamlardan) aýralygy tema edinen dünýewi sungat. Bularyň hersini bir ganaty edinen

türkmen sungaty adam duýgularyny, pikirlerini beýan etmekde çeperçiligiň özboluşly ýokary derejesine göterildi.
Türkmen şahyrlarynyň hersiniň döredijiliginde aýralyk temasy özboluşly röwüş aldy: Azadyda – döwletden aýralyk, Magtymguluda – Hudaýdan aýralyk, Magrupyda – Watandan aýralyk, Şabendede, Andalypda – magşukdan aýralyk, Şeýdaýyda – geçmişden aýralyk, Seýdide – Watandan hem perzentlerinden, Keminede – adam şekilli ýaşaýyşdan, Mätäji-de – Watandan hem magşukdan aýralyk. Bu meseleleriň hersi düýpli, hertaraplaýyn işlenilmegine garaşýar. Türkmen dessanlarynyň hemmesi uçdantutma aýralyk hakyndaky eserlerdir. Hatda soňy wysal bilen gutarýan dessanlaryňam aýralyk hakyndadygyny aýtmalydyrys. Olaryň gahrymanlaram tä soňky pursada çenli ömür aýralykda. Soňky wysaly-da özümiz-ä ýa-ha bagtly oguz zamanlaryndan galan edebi tär, ýa-da awtoryň türkmen ruhunyň tebigy logikasyna ters gelýän emeli subýektiw erki hökmünde düşündirerdik. Hatda «Görogly» eposy hem aýralyk bilen başlanýar, aýralyk bilenem gutarýar. Ahmet Bekmyradow «Görogly» eposyny at hakdaky epos atlandyrypdy. Alymyň şu pikiri bilen utgaşyklylykda aýdanyňda «Görogly» eposy aýralyk hakdaky eposdyr hem.
Wysal – otnositel, aýralyk – absolýut. Türkmen dessanlarynda aýralyk diňe aşyk-magşugyň arasynda bolup geçenok. Soltanyň tagtyndan, iliň ýurdundan, taýpanyň taýpadan, piriň sopusyndan, atanyň zürýatdan, doganyň gardaşdan, aşygyň magşukdan, ýagşynyň ýamandan, sözüň köňülden, janyň tenden aýra düşmegi türkmen ruhuna şeýle çuňňur ornaşdy weli, ol aýralyga ýeke-täk kosmiki hem sosial reallyk, dünýäniň bütinleý tebigy ýagdaýy diýip düşündi. Şeýle düşünjäniň kök urandygyny türkmen durmuşyna degişli iki möhüm faktorda görüp bolýar. Olaryň birinjisi, türkmen taýpalarynyň dagynyklygy. Geçmişe dahylly bu meselä seredilende, içerki hem daşarky güýçler muny öz bähbitlerine ters saýandyklary üçin, bitewülige, birleşmä päsgelçilik döredipdirler diýen pikir öňe sürülýär. Elbetde, meseläniň sosial-syýasy jähetleri hem bar. Ýöne olar esasy zada – ruhy jähede baryp direýär. Aýralygyň hökmürowanlygyna ynanan adamlar bolsa, dagynyklygy tas tebigy

ýagdaý hökmünde görýärdiler. Beýle ýagdaýyň milletiň geljegine ýaramaz täsir etjegini Azady, Magtymguly ýaly şahsyýetler muňa garşy göreşipdiler. Olaryň janyýangynlylygy meseläniň çylşyrymly bolandygyndan habar berýär: bary-ýogy iki-üç sany han bitewülige garşy bolanlygynda, mesele beýle rezonans döretmeli däldi, mesele halkyň içki ruhy ýagdaýlary bilen baglanyşyklydy. Bu – aýralygyň geçmişiň sosial-syýasy barlygynda ýüze çykmasy.

Aýralygyň gündelik psihologiki jähetlerdäki aýdyň ýüze çykmasy hem bar. Türkmeniň hatda soňky döwürlerde-de gonamçylyga gatnaşygy gatybir üýtgemedi. Kosmiki aýralygy ruhuna siňdiren türkmen bu meselede merhumdan aýrylmajak bolup dyrjaşyp ýatanok, mazarystanlyga edil aýralyk dagy hökmünde seredip, ony gül-gülzarlyga öwürýän hristianlar-a beýlede dursun, hatda tatar, özbek, azerbaýjan ýaly öz musulmanlaryndanam nusga alman, gonamçylykdan – aýrylanlardan juda daşdalygy bilen tapawutlanýar. Diňe täze aýrylany jaýlamaga baraýmasa, türkmen känbir mazarystanlykda görünmändir. Muny türkmeniň merhumlary sylamazlygy hökmünde düşündirmek, bu halky tanamazlyk bolardy. «Gorkut ata» eposynda türkmenleriň merhuma, merhumy jaýlamaga bolan garaýyşlary örän dogruçyl beýan edilýär. Döwrümiziň beýik režissýory Kakajan Aşyryň «Däli Domrul» spektaklynda merhumyň ýerine görünmek babatdaky epizody örän dogry, täsirli.

Aýralyk meselesi biziň göz öňüne getirişimizden has düýpli. Türkmen ruhuna dahylly meseleler başga-da az däl. Ýöne meniň näme üçin bu zatlaryň başyny agyrdýanlygymyň sebäbi: «Edebiýatyň üsti bilen dünýä halklaryna nähili täze pikir aýdyp bolar?» diýen sowala jogap gözleýän. Megerem, bu sowalyň jogaby şeýle: öz milletiň dünýäni duýuşyndaky şular ýaly we diňe türkmene mahsus özge aýratynlyklary görkezip, aýdyp bolar. Ýöne munuň üçin bize ýetmeýän zat – öz halkyňy doly tanamak gerek. Munuň üçin bolsa ony durmuşda synlap, edim-gylymlaryndan umumy netijeler çykarmaly. Onuň taryhyny, halk döredijiligini bäş barmagyň ýaly bilmeli. Halkyň ruhunyň erkin ýüze çykmasy bolan klassykasyny ata-babalaryň bagryndan önen zady hökmünde öwrenmeli. XX asyryň türkmen sowet edebiýatynda

bolsa ol ruh göýdügen ýagdaýda, birtaraplaýyn özüni görkezdi. Herhal, ol göýdük hem birtaraply bolsa-da, biziň ruhy mirasymyza girýändigi üçin, ol edebiýat hakda-da oýlanmak gerekmikä diýýärin.

Ençeme edebi eserler taryhy çözgüdine garaşýar, olar geljekki okyjy üçin gerekmi? Edebiýat hökmünde gerekmi, ýa ýöne bir geljekki nesillere geçmişi biler ýaly, ýazuw ýadygärligi hökmünde saklanjakmy? Belli däl! Elbetde, edebi eser edebi-çeper gymmaty üçin saklanmasa, geçmişi bilmäge gerekligi üçin saklanmasa gerek, çünki geljekki nesil geçmiş hakda has anyk maglumaty gaýry ylymlaryň üsti bilenem öwrenip biler.

Ideologiýanyň kommunistik örkden sypanlygy sebäpli, ertirki okyjy has sowatly, has giň hem çuňňur pikirlenip bilýän, öňki ideologiýanyň, öňki edebi normalaryň hem formalaryň çäginden daşarda-da gaty köp zatlaryň bar ekenligine göz ýetiren adam bolar. Taryham soňky sözüni şol adamlaryň agyzlary bilen aýdar. Ýöne, munuň özi-de, islendik başga bir döwürdeşimizi-de degişli mesele hakda pikirimizi aýtmak hukugyndan kesip bilmez. Taryha üznüksizlik mahsusdyr.

Şeýlelikde, XX asyr edebi geçmişe – yza seretseň, bir täsin zat gözüňe ilýär: asyrsaýyn, on ýyllyklarsaýyn, ýyllarsaýyn ýazyjy-şahyr köpelýär, tersine, şondan näçe aňryk gitseň, şonça-da azalyp barýar: munuň özi taryhyň hil elegininiň edýän oýny. Şonuň üçinem ýazýanlaryň şeýle köplüginde, XX asyra pylan hili baha bermegem kyn. Men häzirlikçe, umuman, ruhy tejribämiz däl-de, megerem, diňe edebi tejribelerimiz hakynda gürrüň edip bilerin. XX asyr bolsa bu babatda geçmiş bilen aramyzy kesip, elimizden näme alan bolsa, edil şonçaragam zat berdimikä diýýärin. Klassyka bilen deňeşdireniňde, özüniň belentligi-pesligi bilen bütinleý başga hili edebiýat döredi. Edebi ideýalaryň hem formalaryň döreýän merkeziniň Moskwa geçmegi bilen, rus edebiýatynyň gegemoniýasy döredi. Biz rusça çeper pikirlenmäni ele aldyk. Ýagny realistik manerada ýazmany öwrendik. Realizm bolsa naturalizmiň agasy. Biz günde-günaşa şaýady bolýan wakalarymyzy edil biri-birimiz bilen gürleşenimizdäki ulanýan sözlerimiz, sözlemlerimiz bilen beýan edip bolýandygyny bildik. Şu manerada ýazylan eseriň tipi

bolsa sanlyja sýužetli, berk normalaşan, janly gepleşik dilinden daşda duran dili bolan, sanlyja tipdäki gahrymanlary bolan dessandan düýpgöter tapawutlanýardy. Munuň özi gepleşik diliniň edebiýata girmegine getirdi. Onsoň göwnümize ol dil terligi, durmuşdaky janlylygy bilen klassyky edebiýatdan ýokarda durýan ýalydy. Emma, indi görüp otursak, ol dilde klassykanyňky ýaly kämillik ýok eken. Terlik diýip kabul eden zadymyz bolsa çiglik eken. Çünki çeper pikirleniş ukybymyz gögele eken. Munuň başgaça bolmagy mümkin hem däldi. Sebäbi biz bütinleý täze esaslarda, geçmişden esasan ýüz öwrüp, tarp ýerden täze edebiýaty döretmäge başlapdyk.
Türkmen sowet edebiýaty rus, köplenjem sowet edebiýatynyň kopiýasy hem däl-de, kalkasy boldy. Kalka – özgäň nusgasyna görä öz içki resurslaryň bilen döredilýän struktura. Öz resurslarymyzam ýabygorlurak bolansoň, kalka asyl nusgadan has pes derejede bolup çykdy. Herhal wagt geçdigiçe, XX asyr türkmen edebiýatynyň belli bir ösüş etapy bolandygyna, mundaky ýazyjy-şahyrlaryň içinde edebiýatyň ösüşinde rol oýnanlarynyň bardygyna göz ýetirýärsiň.
Mysal üçin, türkmen sowet edebiýatynyň ýaňy ýörjen-ýörjen mahallary Nurmyrat Saryhanow, Rehmet Seýidow, Berdi Kerbabaýew ýaly şu ýüzýyllygyň aýagynda-da okalýan, asyrdan ätläp geçjek talantlar ýüze çykypdyr.

R.Seýidow poeziýada sözüň diňe öz manysyny däl, ikinji, üçünji… manylary aňlatmalydygyny açdy. Şeýdip poeziýa döredi hem ösüp ugrady.

N.Saryhanow hakykat hakynda gürrüň bermedi-de, hakykatyň suratyny çekdi. Şeýdip proza döredi. Prozanyň ösüşi haýal hem kynçylykly boldy. Çünki ol çeperçilik işiň bize öň mälim bolmadyk täze görnüşidi.
B.Kerbabaýew naturalistik manerasy bilen heniz türkmen okyjysyna ýat bolan roman žanrynyň başyny başlady.

Edebi tankyt bolsa Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, J.Allakow, H.Taňryberdiýew, S.Myradow ýaly ylmy-estetiki düşünjeli edebiýatçylaryň gelmegi bilen, tarpdan döräp, ösüp başlady.

Ö.Abdyllaýew – ilkinji özbaşdak tankytçydy. Ol türkmen edebi tankydynda batyrgaý, gaýduwsyz, söweşjeň edebi akymy döretdi.
«A.Agabaýewiň goşularynyň guraksylygy, şahyrana däldigi barada gürrüň edilýär. Bu ilki bilen şahyryň öz günäsi. Sebäbi ýaş şahyryň birtopar goşgularyny okap, olaryň harsal ýazylanyna düşünýärsiň. A.Agabaýewde reňk az, öwüşgin görünmeýär, tersine, H.Kulyýewde bular isledigiňçe bar…»
«Kitapdaky «Sorag alamaty» atly poemasy türkmeniň ajaýyp akyldar şahyry Nesimä bagyşlanypdyr. Gönümden gelsem, poema maňa ýaramady… Poemada Annaberdi gaty kän, emma Nesimi ýok». Bu setirler G.Ezizowa degişli. Ýokarky iki mysaly men G.Ezizowyň ikinji tomundaky «Şahyr. Okyjy. Talap» we «Ýaşaýyş gözelliginiň waspy» atly makalalaryndan aldym. Makala 1966-njy ýylda ýazylypdyr. Men şol döwürdäki batyrgaýlyga geň galyp okadym. Keminäniň sözleri bilen aýtsaň, şol döwürde ýagşa ýagşy, ýamana ýaman diýilýän eken. Öde Abdyllaýew türkmen edebi tankydyna batyrgaýlyk getirdi diýýäris. Ol TKP MK-nyň birinji sekretary Balyş Öweze «Meni şu üçünji gatdan aşak taşlasaňyz hem, tä aşak düşýänçäm, Beki Seýtek ýazyjy däl diýip gaýtalaryn» diýipdir. Öz pikiri üçin şeýle gaýduwsyz göreşipdir. Birinji sekretaryň haýyşyny ret edip: «Men göreşerin» diýmek üçin atyň kellesi ýaly ýüregem kiçilik etse gerek. G.Ezizow hem öz ýegre dostunyň eserine şeýle ýowuz daraşýar. Dostluk bir zat, edebiýat – başga zat. Dostlugyň hatyrasyna edebiýata ikilik etmek bolmaýar. G.Ezizowyň ýokarky setirlerinde Ö.Abdyllaýewiň şol kesgitliligi, edebiýatyň hatyrasyny ähli zatdan ileri tutmak pikiri duýulýar. Dosta ikilik ediläýende-de edebiýata ikilik etmek bolmaz.
Meniň göwnüme bolmasa, Ö.Abdyllaýewiň döreden edebi tankydy ugry gutaraýan ýaly bolup dur. Ýöne şol ugurda birgiden ägirtler – Abdylla Myradow, Hanguly Taňryberdiýew, Saýlaw Myradow, Jora Allakow, Nargylyç Hojageldiýew, Ahmet Bekmyradow uly-uly işleri bitirdiler.
Bu gün edebi tankydymyzda öňki batyrgaýlyk, ýüz görmezlik ýok. Goý, meni şu günki tankytçylarymyz ýowuz pikirim üçin bagyşlasynlar. Ýazylýan makalalar köplenç awtoryň zakazy boýunça öwmek üçin ýazylýar. Öň her bir çap edilýän eser edebi

tankydyň maýdagöz eleginden geçirilerdi. Bu gün Öde Abdyllaýewiň maýdagöz elegi ýitdi. Ýok. Umuman, bir şahyryň aýdyşy ýaly: «Biz geniý bolmasagam, genileri döredýänler bizdiris». Ýokarky adamlaryň islendiginiň şu sözleri aýtmaga hukugy bar. Şeýle ýazyjylaryň, şahyrlaryň spisogyny uzaldybam bolardy. Herhal, biziň ilkinjileriň gürrüňini edýändigimiz üçin, gep spisokda däl hasaplaýaryn. Wagtyň geçmegi bilen uzyn spisoklaram gysgalyp gidýär. Belki, taryh, wagt ony bütinleý özüçe gysgaldar, belki, täzelär.
Hawa, täze bazar gatnaşyklary edebiýata düýpli täsir eder. Adam psihologiýasynyň, ideallarynyň, gymmatlyklarynyň üýtgemegi, megerem, edebiýata öň ýada düşmedik mazmuny hem formalary getirer. Munuň özi biziň milli ruhy ösüşimizde XX asyrda geçen ýolumyz ýalagrak özboluşly bir etap bolar. Munda her kim öz-özüni eklemeli bolar. Munuň özi edil tebigatdaky ýaşaýyş kanuny ýaly bir zat bolar. Her kimiň gymmaty jemgyýetiň ýaşaýşyny üpjün etmek üçin gerekligine ýa-da gerekli däldigine, ýagny eserleriniň satuwda geçýänligine ýa geçmeýänligine bagly bolar. Şeýle durmuşda ýazyjynyň döredijilik ykbaly onuň geçginligine bagly boljak. Meni şeýle perspektiwa asla-da hopukdyrmaýar. Käbir ýazyjy: «Indi diňe satyn alynjak zatlary ýazmaly bolar, satyn aljak aglaba köpçüligem ösen estetiki ukyplary hem talaplary bilen tapawutlanmaýany üçin, pes derejedäki eserleri döretmeli bolar, bu bolsa, edebiýatyň pikirleniş hem ösüş derejesini göz-görtele pese düşürer» diýip pikir edýär. Meniň pikirimçe, okyjylaryň belli bir bölegi hemişe-de hakyky edebiýatyň gadyryny bilýärdi, bu mundan beýlägem şeýle bolar diýip pikir edýärin. Eger şeýle bolmasa, onda dünýäde hakyky beýik edebiýat birwagt özüniň döremegini hem ýaşamagyny bes ederdi. Çünki artykmaç, özüne gerekmejek zady bu dünýäniň götermeýänligini oňat bilýäris-ä. Ana, şol okyjy üçinem ýazybermeli, bu bolsa edil meniň özüm üçin-ä sözüň hakyky manysynda döredijilik erkinligi diýilýän kanunyň berjaý edilmegi bolar. Şu zatlar hakda oýlananymda, men köplenç Gogoly ýatlaýaryn. 1829-njy ýylda Gogol «W. Alow» diýen lakam bilen «Gans Kýuhelgarten» diýen romantiki poemasyny aýratyn

kitapça edip çykardýar. Onuň bu kitabyny tankytçylar tankytlaýarlar. Adalatly tankydy okan Gogol Ýakim diýen hyzmatkäri bilen ähli kitap dükanlaryndan çap edilen kitabynyň ähli tiražyny satyn alýar we bir myhmanhanadan otag alyp, kitabyny otlaýar. Men Gogolyň bu işini gahrymançylyk hasaplaýaryn. Şu gün ýazan eseri adalatly tankyt edilse, Gogolyň gahrymançylygyny gaýtalajak adamyň az boljakdygy hakda oýlanýaryn.
Täze jemgyýetçilik hem adam gatnaşyklarynda özüni aman saklamak, özüniň ýaşaýşa bolan hukugyny ykrar etdirmek üçin edebiýat milli, sebit hem dünýä çäklerinde originallygyň ýokary derejesine ymtylmaly. Şeýle originallyk türkmen ruhunyň wagty hem giňişligi özboluşly duýuşyndan gelip çykmalymyka diýýärin. Muny beýan etmek üçin bolsa, daşky

GIŇIŞLIGI

– türkmen sährasyny, asmanyny fiziki syzgy hökmünde suratlandyrmaly. Dünýäniň islendik beýik ýazyjysynyň eserlerinde ruhuň özboluşlylygy öz-özlüginde däl-de, daşyny gurşap alýan giňişlige gatnaşygynda ýüze çykýar. Ýok, men peýzažyň gürrüňini edemok. Peýzaž – munuň özi eseriň süňňüni emele getirýän köpsanly çeperçilik serişdeleriniň diňe biri. Meniň göz öňünde tutýan giňişligim bolsa serişde däl-de, soňky maksat. Has dogrusy, şol bir wagtda olaryň ikisidir hem. Şeýle wagt hem giňişlik, ylaýta-da, giňişlik Günbataryň edebiýatynyň çeperçiligiň ýokary derejesine ýetmeginde uly rol oýnapdyr. Giňişlik diňe serişde bolanda, allegoriýa ýaly jansyz, birtaraplaýynlyk hem trafaret ýüze çykýar. Maksat giňişligi hem realistik, hem simwoliki bir zat, adam ruhunyň, älemiň uniwersal ýüze çykmasy hökmünde beýan etmekdedir. Günbatarda şeýle dünýäni duýuşyň häsiýetli faktora öwrülmegi şol siwilizasiýada žiwopis hem skulptura ýaly giňişlik suratlarynyň ösenligi bilen düşündirip bolardy. Arhitektura babatda-da şony aýtmak bolar. Dünýäniň gözel ýerlerinde ýurt tutunan hristian ruhunyň Hudaý gözelligini ilki bilen tebigatda görmegi-de ýöne ýere bolmaly däl. Munuň özi ahyrky

netijede gurak paýhasa ýugrulan musulman sungatyndan hristianlaryňkynyň has emosional-duýguçyl bolmagyna getiripdir. F.M.Dostoýewskiniň romanlaryndaky Peterburgy, Tolstoýyň, Lermontowyň eserlerindäki Kawkazy, Gogolyň eserlerindäki ýollary, Çehowyň eserlerindäki rus sähralarynyň giňişligini realistik-simwoliki röwüşde beýan etmegiň nusgasy hasaplaýaryn. «Jenaýat hem jeza» romanynyň gahrymany Raskolnikowyň tabyda meňzeş otagy, onuň aýnasyna hötjetlik bilen özüni urup, wazzyldaýan äpet siňek – ine, şeýle wagt – giňişlik duýgusy dünýäni bitewülikde bermäge ýardam edýär. Ol gaýtalanmajak originallygy döredýär. Ýa-da Ç.Aýtmatowyň «Asyrdan uzaga çeken gün» romanyndaky gazak çölleriniň giňişligi. Romanyň giňişligi dikeltmek ukybyna haýran galýarsyň, awtor eserini ýokarda – howa gämisiniň üstünde oturan ýerinde ýazypdyr diýen pikir döreýär. Ýazyjynyň «Ahyrzaman» romanyndaky sähra giň, ýöräp aňyrsyna çykar ýaly däl. Şunuň ýaly giňişlik Günbatar Ýewropa edebiýatynda asla mümkin däldir. Onsoň Ýewropa okyjysy nädip şeýle romana, onuň ruhy üçin bütinleý ýat bolan giňişlik duýgusyny döredip bilen esere maýyl bolmasyn?! Äpet, ümmülmez giňişlikde, onuň üstündäki ondanam äpet Asmany göreniňde hakyky kosmiki duýgulary başdan geçirýärsiň. Bu taýda wagtyň serhetlerem yza serpilýär. Eseriň ritmi – gazak çöllerindäki ýaşaýşyň ritmini özünde jemleýär. Romanyň esasy obrazlarynyň biri bolan Garanere näme diýjek?! Munuň özi tebigylyk, şol ýerde çyrpynýan ruhy hem fiziki ýaşaýşyň ajap suraty ahyryn. Garaner hem çölüň, hem Ýedigeýiň göwnüniň stihiýasynyň täsin obraz arkaly aňladylmasy. Şol bir wagtda-da ol çölüň täsin ýaşaýjysy. M.Bulgakowyň «Ussat hem Margarita» romanynda Iýerusalim, G.Markesiň «Ýüz ýyl ýalňyzlykda» romanyndaky Makondo, U.Folkneriň eserlerindäki Ýokanapatofa ştaty çeper wagtyň hem giňişligiň dünýä romanyndaky esasy çeper täzeçilligini aňladýandygyny görkezýär.

Meniň pikirimçe, biz hem dünýäniň türkmençe çeper modelini döretmäge ymtylmalydyrys. Biz öz çeperçilik gymmatlyklarymyzy ile beýan etmeli. Giňişlik duýgusynyň özboluşly ýüze çykýandygy üçin «Gorkut ata» eposyny aýratyn gowy görýärin.

Ondaky «göwsi gözel guba daglar», «ýüwrük suwlar» eposyň dünýä modeliniň sazlaşygyna esaslanýandygyna şaýat. Biziň häzirki çeper pikirlenmämize hut «Gorkut atanyň» howasy hem giňişligi ýetenok. Biziň pikirimize giňlik hem kislorod ýetenok. Bir çuňňurlyk bilen bolsa alynjak gala azmyka diýýärin.
Edebi geçmişimize seretseň, giňişlik duýgusyny Magtymgulynyň goşgularynda görüp bolýar. Beýik şahyryň:

Ýeriň arkasynda, Gögüň garnynda
– diýen obrazy dünýäň ajap çeper nusgasyny berýär. Munuň özi tüýs türkmençe surat. Arka – ýalaňaçlyk hem tep-tekizlik, Gögüň garny – diňe şeýle giňlikde hem tekizlikde göz öňüne getirip bolýan asman gümmezidir. Beýle original obrazlylygyň, türkmen tebigatynyň originallygyndan, ony türkmen bolup duýmagyň özboluşlylygyndan gelip çykýan obrazlylygyň üýtgeşik duýgy lezzeti bar. Umuman, gepiň gerdişine aýtsak, Magtymgulynyň şahyr hökmün-däki beýikligi asla-da düýpli öwrenilenok. Ahmet Bekmyradowyň «Magtymgulynyň ussatlygy», Amannepes Şyhnepesowyň «Magtymgulynyň dünýäsi», Muhammetnazar Annamuhammedowyň «Magtymguly, gizlin syryň bar içde…» atly düýpli işlerinden başga ýüze tutarlyk derňew ýok. Şu üç kitaby nazara almasaň, şu wagta çenli edilen başga derňewleriň bary onuň pikirini, ony akyldar hökmünde öwrenýärler. Meniň özüm-ä Magtymgulyny pikir, paýhasy üçin däl-de, juda özboluşly duýgulary üçin, olary täsin obrazlarda berip bilýänligi üçin gowy görýärin. Üýtgeşik pähim-paýhasy men türkmen nakyllaryndanam, dünýä halklarynyň nakyllaryndanam tapyp bilýärin. Ine, Magtymgulynyň täsinligine ýene bir mysal:

Bedew ölse, meýdan galar armanly –

Türkmeniň giňişlik (meýdan) duýgusyny şondan oňat beýan etmek mümkin däl. Onda pany dünýäniň mähri, şol mähriň adamyň ten duýgularynda oýarýan janly sazlaşygy bar. Meýdan – dirilik giňişligi.

Hak yşkyna at sal, meýdan ýoluksa.

Bu setiriň öňküden tapawudy häzirki dünýä romanynda realistik hem simwoliki (magiki) gatlaklaryň arasyndaky tapawutdyr. Bu ýerde eýýäm meýdan hem, bedew at hem simwolika öwrüldi. Çünki öňki setire adamyň giňişlige, meýdana mähri siňdirilen bolsa, indiki setirde wagta bolan gatnaşyk görkezilýär. Hak yşky – dünýä uniwersalizmini aňlamak. Beýik Magtymgulynyň

Magtymguly aýdar, älem ýykyldy

– diýen obrazy özüniň masştaby bilen, gerimi bilen duýgyňa üýtgeşik täsir edýär.

Eger biz dünýä okyjysyna üýtgeşik bir zat aýtjak bolsak, onda ýokarky çeper açyşlary bagrymyzdan geçirip, olary öz dünýä duýşumyza sapyp, täze çeperçilik gözleglerine ulaşmalydyrys.

Türkmen sährasynda gijeki asman hasam üýtgeşik duýgulary açýar. Gözüň öňündäki müňlerçe ýyldyzlar, olaryň kalbyňa heserli täsir ediji uzaklygy türkmen ýüreginiň melanholiýasyny oýarýar. Gije – älemiň serhetlerini, has dogrusy, serhetsizligini ömri, barlygy çäkli adamyň gözüne basýar. Dünýä gündizlikde asmandan hem zeminden ybarat çäkli barlyk bolup görünýär. Gün ýaşyp, ýyldyzlar dogýaram weli, sährada eglenere zat tapmadyk kalbyň göni kosmosa çykýar. Meniň özüm-ä täkHudaýlylygyň uç-gyraksyz hem boş sähraly Ýakyn Gündogarda döremegini şu hili geň aýratynlyk bilen düşündirerdim. Çünki kosmos – Haktagalanyň mekany. Şonuň üçinem o ýerden adam gözlemek ýalňyşlykmyka diýýärin. Ç.Aýtmatowyň «Asyrdan uzaga çeken gün» romanynyň iki kosmonawtyň adam ýaşaýan täze planetany açýanlygy hakdaky böleginiň ynandyryjy däldigini, ýasama hem täsirsizligini şunuň bilen düşündirerdim. Ýazyjynyň şu temasyny Ýer bilen oňman, indi özge älemlere-de göz dikýän Adamyň egoizminiň aňasty ýüze çykmasy hasaplardym. Özge hili kämillige bolsa adam entek ýetenok.

Meniň sähra hem asmanly gürrüňi agzaýanlygymyň sebäbi, meniňçe, biz ýazyjy hökmünde, bir tarapdan, daşky giňişlik – wagt ölçeglerinden täsir almaly. Çünki şol ýerde täze pikir-emosiýalaryň çeşmesi bar. Munuň özi realistik tipli obrazlary kemala getirerdi. Beýleki tarapdan, häzirki zamanyň ýazyjysy

öz içki wagt-giňişligine-de diň salmaly. Munuň özi dünýäni simwol hökmünde duýmaga kömek edýär, mifologiki modernistik usullara giň ýol açýar. Şol usullaryň çeşmeleri, meniň pikirimçe, düýş hem-de adamyň içki hakydasy. Düýş real dünýäni çeperçilik taýdan transformasiýa etmegiň serişdesi hökmünde dünýä edebiýatynda ylaýta-da soňky wagtlarda köp ulanylýar. Munuň özi düýşüň asyl tebigaty bilen baglanyşyklydyr. Adam düýşi diňe simwollar arkaly şekillendirýär. Simwol bolsa real durmuşy alamatlara öwürmegiň formasy. Simwolda guraksy, gönümel pikire orun ýok. Bu diňe surat, şekil. Özem realistik suratdan tapawutlylykda onda informasiýa tükeniksizligi bar: ony hiç mahal ahyryna çenli logiki pikirlenmä geçirmek mümkin däl. Simwolyň adam duýgusyna üýtgeşik täsirini hem şunuň bilen düşündirip bolarmyka diýýän. Men «Pygamber ýorgudy» atly hekaýamda düýşüň käbir mümkinçiliklerinden peýdalanypdym.

Düýşüň adam ruhuna degişli täsin zatdygyny bir faktdan görüp bolýar: adam kämahal geljegi düýşünde görýär. Özem, täsin ýeri, şol geljek oňa pikir arkaly ýetirilenok-da, diňe suratlar, obrazlar arkaly berilýär. Şonuň üçinem her halkda düýşüň öz aňlatmalar sistemasy bar, öz obrazy, dili bar hem-de ony açmagyň, ony logiki pikire terjime etmegiň işlenilip düzülen birgiden usullary, ýorgutlary bar. Hut obraz, simwol bilen bagly bolany üçin türkmen dilinde «düýş görmek» diýilýär. Bilmek, aňmak däl-de «görmek». Edebiýatda söz sungaty arkaly «görkezmek» bolsa, hut sungatyň aň formasy hökmündäki aýratynlygydyr. Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» poemasynda Garrygala söweşiniň öň ýanynda Eýran goşunbaşlygy Japarguly han düýş görýär. Düýşünde oňa: «Sen ýeňilersiň» diýip aýdýan ýok. Ýöne düýşünde Hasan käşi onuň sakgalyndan tutýar. Ine, düýşüň çeperçilik informasion kuwwaty. Şol informasiýanyň sözleri – Hasan käşi – şaýy-sünni jedeline gatnaşan şaýy alymy. Sakgaldan tutmak – masgaralamak, gara ýer etmek. Diýmek, düýşüň siwoliki dili bar eken. Simwolistik edebiýat, mifologiýa adamzadyň düýşüdir. Onuň hakykaty suratlandyrmakdaky realizmden rüstemligi – munuň özi düýşüň ýöne gurak pikirden, rasionalizmden halas bolup, simwolika, fantaziýa esaslanýanlygydyr.

Hawa, düýş bilen baglanyşykly juda täsin zatlar bolýar. Ylaýta-da ýarawsyz, çuň depressiýa düşen, alada ulaşan, garaz, adatdan daşary ruhy ahwala sezewar bolan adamyň düýşi geň-taň bolýar. Munuň özi şeýle ýagdaýda myşsalarda ýaşaýan instinktiw duýgularyň durmuşynyň has dartgynlaşýandygy bilen baglanyşykly bolsa gerek. Birnäçe ýyl mundan öň meniň bir tanşym Kerkide bir kesele ýolukdy. Ol bir gezek düýş görüpdir, düýşüni maňa gürrüň berdi. Soň ol neresse ýogaldy (ýatan ýeri ýagty bolsun!). Aýdyşyna görä, onuň düýşüne çola bir ýerdäki mazar giripdir. Mazaryň başujunda-da bir äpet ak it oturanmyş. Bar bolany. Ýadymda galan şol simwoliki kartinany men köp wagtlap göz öňüne getirip gezdim. Mazar düşnüklidi – ölümi aňladýar. It näme? Bu biziň ata-babalarymyzyň – otparazlaryň ölüm düşünjesi bolaýmasyn?! Otparazlar jesedi jaýlaman, ony bu maksat üçin ýörite saklanylýan itlere tä süňkleri galýança iýdirýän ekenler. Soňam şol süňkleri «ossuari» diýlip atlandyrylan küýzelerde jaýlaýan ekenler. Diýmek, düýşdäki it – munuň özi häzirki musulman düşünjämizdäki mazaryň goşa taýy bolup, olaryň ikisem ölümi aňladýar. Ol ikisi goşa obraz, käbir ýazyjylaryň şol bir pikiri dürli obrazlarda nygtaýşy pisint bir zat bolmaly. Adam ruhunyň müňlerçe ýyllyk informasiýany düýş arkaly saklap bilýänligini şonda gördüm. Düýşüň ýorgutlary, yrymlar hakda birnäçe kitaplary çap etdik. Şol kitaplarda hem düýşüň adam ykbalyna, takdyryna edýän täsiri hakda örän ynandyryjylykly gürrüň edilýär.
Diňe düýş däl, ondan başga-da seni çagalyga alyp gidýän wagt nostalgiýasy, dürli psihiki täsinliklere real wagt-giňişligi formalaryny transformirlemäge ýardam edip bilerdi. Umuman, işlemeli. Milli ýazyjy bolup işlemeli. Şol işde-de dünýä edebiýatynyň ösüş ugurlaryny göz öňüne getirmäge, dünýä çeperçilik derejesine galmaga dalaş etmeli. Munuň üçin bolsa onuň gündelik durmuşyndan habarly bolmaly.
Dünýä edebiýatynyň öwrenilmegi ýazyjylyk tehnikasynyň kämilleşdirilmegine, gözýetimiň giňelmegine hem-de öň açylan zatlary gaýtalap ýörmezlige ýardam ederdi. Men, elbetde, gaýtalamazlyk diýenimde, diňe tehniki tilsimatlary göz öňüne tutýaryn. Tema, ideýa-duýgy hakynda aýdylanda bolsa, eger men

olary kitapdan däl-de, hakykatyň özünden alýan bolsam, üstesine olary Hudaý tarapyn berlen talantlylyk bile eserimde dikeldip bilýän bolsam, bu ýerde gaýtalamak hakynda gürrüň hem bolup bilmez. Ýöne talant hem dürli-dürli bolýar. Eger meniň talantym gaty aňyrdan bolsa, onda bize entek, birhili, düşnüksiz sebäplere görä, men gürrüňsiz iň täze, iň ýokary derejedäki maneradan habarly bolup çykaryn. Talant sowatlylyga eltýärmi ýa sowatlylyk talanty açýarmy – bilemok. Bu ýerde, megerem, durmuşyň öz täsin dialektiki kanunlary hökmüni ýöredýändir? Ýöne özüm-ä entek şunuň talanty juda aňyrdan, ýöne sowady pesräk, şoň üçin şeýle ýagdaýa düşdi, ýa-da sowatlylygy aşa güýçli weli, talanty pes bolýar, şoň üçin şeýleräk bolup çykdy diýen hadysany göremok. Talantsyz adam sowadam doly alyp bilmeýär.
Günbataryň durmuşy Gündogaryňkydan hemişe-de aşa intensiwligi hem okgunlylygy bilen parhlanypdy. Günbatarda wagt juda çalt geçýär. Şonuň üçinem ruhy, şol sanda çeper gymmatlyklaryňam dogulyş hem ölüş prosesi juda çalt geçýär. Soňky ýüzýyllykda emele gelen modernistik akymlaryň öňi bize gelip ýetýänçä, olaryň eýýäm geçmişe gidenleri bar. Adamzat ruhunyň ýaşaýşyna dahylly örän uly açyşlar edildi. Şolardan sýurrealizm, ekspressionizm, impressionizm, absurdizm, dadaizm ýaly hadysalary düýpli täzelikler hasaplamak bolar. Meniň pikirimçe, biz ol ruhy-çeperçilik tejribeleri öz durmuşymyz babatda döredijilikli ulanyp bilmesek, dünýä derejesine çykyp bilmeris. Munuň özi, birinjiden, şol tejribäni öz süňňüňe siňdirmegi, ikinjiden bolsa, Günbatar okyjysyna düşnükli bolan estetiki dile geçmäni aňladardy.
Onsoňam edebiýatdaky pikirler jemgyýetiň könelmegi bilen könelmeýär. Edebiýat jemgyýet hakynda däl-de, adamlar hakynda gürrüň berýär. Adamlar bolsa hiç mahal gaýtalanmaýar. Şu ýerde sufizmiň teoretigi, beýik, genial alym Ibn Arabynyň bir pikirini öz sözlerim bilen ýatlasym gelýär: Hudaýtagala tükeniksiz beýik Ruhdur, her döwürde her halkda, her ýurtda onuň başga bir ýerde açylmadyk, açylybam bilmejek üýtgeşik taraplary aýan bolýar. Şu ýerdenem dinleriň, ynançlaryň, ideologiýalaryň köpdürlüligi emele gelýär. Ine, bize-de millet

hökmünde illere miýesser gelmedik şol üýtgeşiklikleriň birini açmak garaşýar. Şonuň üçinem özümizde ruhy erk tapabilsek, iki ýüz däl, müň ýyl mundan öňem aýdylmadyk pikirleri aýan edip bileris.

Osman ÖDE. Edebiýaty öwreniş